# Tost toýundaky içgepletmeler

Category: Edebi tankyt,Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Tost toýundaky içgepletmeler TOST TOÝUNDAKY IÇGEPLETMELER

Soňky otuz ýyl tiz geçdi.
Men Aşgabadyň şindiki Lenin prospektiniň (häzirki Türkmenbaşy şaýoly -t.b.) ugry bilen pyýadalap işe gatnaýardym. Sen şol prospektiň ugrunda harby gullugyňy geçýärdiň. Entek meniň oňly ýazan zadym ýokdy, sen tanalyp barýan goşguçydyň. Emma bize diňe goşguçy diýseler ýokuş görjekdik, biz özümizi şahyr hasaplaýardyk. Hakykatda bolsa ýaňy waspçylyga ýetişip barýardyk. Biziň halypalarymyz Mämmet Seýidowam ýaşdy, Gara Seýitliýew bilen Rehmet Seýidowam ýaşdy. Pomma-da ýaşdy. Tutuş Aşgabat ýaşdy, jümle-jahan ýaşdy. Sebäbi Aşgabat uruşdan soňky altynjy bahara beslenipdi. Paýtagt şäheri agyr tebigy zarbanyň astyndan omzap-omzap dikelip barýardy.
Ikimiz urşa gatnaşmandyk, ýöne özümizi frontçy hasap etmäge hakymyz bardy, täzeden dikeldilýän şäherimiziň gurluşygynda işlämizokdyk, ýöne gurluşykçy diýmäge-de hakymyz bardy. Sebäbi, taryhy döwür, taryhy ykbal graždanlyk möhürini bize juda ir basypdy.
Agyr ýyllar bize Adamyň gadyryny bilmegi, ony söýmegi, Adama daýanmagy hem-de ynanmagy öwretdi. Uruş ýyllarynyň juda gymmat düşen döwüm nany biziň damarlarymyza diňe gan bolup däl-de, eýsem ar-namys bolubam ýaýrady. Ýeňiş getiren ýazda ak patrak bolup açylan erik güllerini biz ömrüň beren toýpaýy hökmünde kabul etdik.
Soňky otuz ýyl tiz geçdi. Sebäbi şol ýyllary biz dünýäniň, durmuşyň ýşgynda geçirdik. 15 ýaşlarymyzda biz köpbilmişdik, indi elli ýaşda juda az zat bilýändigimize göz ýetirdik. Indi ähli zada «akyl ýetirip» duran ýaş kärdeşlerimize biziň haýpymyz gelýär.
Adamda ejizlik diýen zat bar, ýagny her adamyň iň bolmanda bir ejiz tarapy bolýar. Mysal üçin, öwgüniň öňünde durmak kyn, emma öwgülere özüňi doly mynasup hasap etmek, özüň hakynda

aýdylýan ähli gowy zatlary tebigy peşgeş hökmünde kabul etmek, gepiň küle ýeri, özüňe ikirjiňlenmezlik, özüňe şübhelenmezlik adamy oňaýsyz, hatda gözgyny ýagdaýa salyp biler.
Özüňi gazaply analize goýmak ukybyna men mydama kämilleşmegiň alamaty hasaplapdym, öz-özüňe gyjalat bermegi, özüňden hernä närazy bolmagy, özüňe igenmegi men öňe gitmegiň alamaty hasaplapdym, şunuň dürs ekendigine göz ýetirmek kyn däl ýaly. Emma dogrymdan gelsem, biziň kärdeşlerimiziň arasynda badyhowalyga kän gabat gelýärsiň. Özüňe ýokar baha bermek entek il-günüň hem saňa şeýle baha berýändigini aňlatmaýar ahyry.
Muny men näme üçin aýdýaryn. Sebäbi, men häzir sen hakda ýazmak bilen tutuş öz neslimiz hem-de yzymyzdan gelýän nesiller hakda oýlanýaryn. Biz ikimiz nämeden kemsinsegem, graždanlyk gazanynda gaýnamamyzyň ýetmeýänliginden welin kemsinip bilmeris. Bu ugurdaky tejribämiziň öz yzymyzdan gelýän nesillere geçmegini men uly iş hasap edýärin.
Ykbal gowy şahyrlary şöhratdan birysgal edenok. Her näçe sadasyran adam gem şöhraty ýigrenýän däldir. Ony ýigrenmek geregem däl. Emma şöhratyň özüne duýdurman seni gabawa salmagyndan, ýesir almagyndan ätiýaçly bolmak gerek. Ikimiz poeziýanyň missiýasyna düşünýärmikäk diýýärin. Iň bolmanda goşgyny şöhrat üçin ýazmaýandygymyza il ynanýan bolsa gerek. Poeziýa adamzat durmuşynda mydama adalatyň esgeri bolup geldi, asylly zatlaryň harlanmagyna, şer işiň rowaçlanmagyna garşy poeziýa aýratyn güýç bilen göreşýär.
Durmuş öňe gitdigiçe, çylşyrymlaşdygyça, ýazmak kynalýar. Bir mahallar okyjylar näme ýazsaň ynanýan ekenler, indi olary ynandyrmak üçin diňe dogry söz gerek. Dogry sözi aýtmak agyr zat däl ýaly, aslynda welin bu hiç zat däl ýaly, aslynda welin bu hiç haçan ýeňil bolmandyr.
Adamlar alada-hysyrdy bilen ýaşap ýörler, ýyllar olary taplaýar, ulaldýar, garradýar, nesilleri täzeleýär. Adamlar öz-özlerine düşünmäge dyrjaşýarlar, näme edýändiklerine, nämäniň hatyrasyna ýaşaýandyklaryna, uludyklaryna ýa-da kiçidiklerine, bagtlydyklatyna ýa-da däldiklerine düşünmäge dyrjaşýarlar. Geň bolsa-da özüne «men gowy adam däl» diýýän

ýok, ýa-da juda seýrek…
Poeziýa adamlara özlerini tanamaga kömek etmelidir. Diñe özüñi tananyñdan soñ, oñ bolmanda, özüñe gazaply daramaga endik edeniñden soñ ruhy medeniýet hakynda gürrüñ etmek bolar.
Seniñ ýubileýiñe bagyşlap makala ýazýaryn, özümem ýekeje eseriñ hem adyny tutamok, çykan kitaplaryñy, edebi çiniñi, jemgyýetçilik işleriñi sanamok. Sebäbi men Seniñ mysalyñda umuman şahyr hakda söz açmagy makul bildim. Goşgy goşmak bilen şahyr boljak bolýanlar bar. Şolara şahyr däldiklerini düşündirmek ýeñil däl. Sebäbi goşguly kitaplary bar. Olar çörege çörek diýip, açyş eden kişi bolýarlar. Şeýdibem, atalarynyñ tapan sözlerini öz atlaryna geçirýärler.
Şahyrlygyñ tötänlik däl-de, ykbal işi ekenligine düşünmegem bir gowy. Diñe özüñe däl-de, tutuş halkyña degişlidigiñi mydama duýup durmak juda zerur.
«Mollanyñ edenini etme-de, diýenini et» diýlen gadymy söz bar. Şöhratparazlugy goşgyñda ýepbeklän kişi bolup, gündelik durmuşda özüñ şonuñ, ýagny şöhratparazlygyñ toruna düşmekden ykbal gorasyn. Sadasyran bolup, gedemligiñ hekemine çykanyñy duýman galmakdan daş etsin.
Sen il arasyna çykyp, uzak raýonlara, alys obalara gidip ýöregen däl. Meniñki tersine, bu birinjiden halkyñ ruhy ýagdaýyny, çeperçilik derejesini añlamak üçin gerek. Ikinjiden, öz agramyñy duýmak üçin gerek. Şonda ýaş-ýeleñler käte nädip şahyr bolandygyñy soraýarlar.
Egniñi gysýarsyñ. Dogrudan-da, beýle soraga jogap bermek kyn, üstesine-de juda oñaýsyz.
Onsoñ il dargandan soñ öz-özüñ ýekelikde hälki soraga egniñi gysyp oñanlygyñdan näme üçindir hoşal bolýarsyñ.
Biz özümizi okumyş hasap eden bolýarys welin, entek-entekler düşünip bilmeýän zatlarymyz kän ahyry. Eýsem bolsa, biz yhlas eden bolsak, belki ökde mehanizator ýa-da hatda bir edaranyñ başlygy hem bolup bilerdik. Emma, görýärmiñ, önümçilik bilen biziñ dahylymyz ýok. Belki, bize «Nädip şahyr bolduñyz?» diýmegiñ ýerine «Näme üçin şahyr bolduñyz?» diýip sorag bermek ýerliklidir.
Her niçik-de bolsa, indi giç.

Biz on alty ýaşda özümizi şahyr hasaplaýardyk. Emma häzir şol ýaşlarda ýazan goşgularymyzy kitabymyza girizemizok.
Altmyş ýaşanyňda şu günlerde ýazan goşgyň saňa gowşagrak bolup görünmegini arzuw edýärin.

1979 ý.

Berdinazar HUDAÝNAZAROW. Edebi tankyt